# Türkmen halkynyň pirleri

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türkmen halkynyň pirleri 1. Ýeliň piri – Mirhaýdar baba;
2. Sebet örmegiň we suwuň piri – Süleýman pygamber;
3. Çölüň piri – Hydyr ata;
4. Demriň we ussaçylygyň piri – Dawut pygamber;
5. Düýäň piri – Weýis baba;
6. Goýnuň we çopançylygyň piri – Musa baba (Musa pygamber);
7. Ýigitligiň, öýlenmek ýa-da at almak isleýänleriň piri – Soltan Hüpbi;
8. Sygryň piri – Zeňňi baba;
9. Gök gümmürdisiniň piri – Gümmür mama;
10. Ýagşyň piri – Burkut ata;
11. Sazyň piri – Babagammar;
12. Daýhançylygyň piri – Babadaýhan;
13. Oduň piri – Oraz baba;
14. Mertligiň, edermenligiň, urşujylaryň piri – Hezreti Aly;
15. Zergärleriň piri – Baýrat göweç;
16. Ýaby, alaşalaryň piri – Welpeteň garyp;
17. Dal bedewleriň piri – Düldül ata;
18. Geçiniň piri – Göwender baba;
19. Awçylygyň piri – Awlarmyş ata;
20. Bela-beterden goraglylygyň piri – Gaýtarmyş ata;
21. Endam ýaralaryndan halas ediji pir – Gotur ata;
22. Towugyň piri – Pälwan ata Ödemämmet;
23. Geýim-gejimiň piri – Idris baba;
24. Ýitigiň (ýiten zatlary tapmagyň) piri – Käkilik ata (Käkilik öwlüýä);
25. Halys tapylmaýan zatlary tapmagyň piri – Şyhym Pukara – Hütdükgyz;
26. Ýoluň, ýolagçylygyň piri – Meşrep diwana;
27. Aşyklaryň, aşyklygyň piri – Züleýha (Zylyha) bibi;
28. Saglygyň piri – Lukman hekim (Abu Aly ibn Sina);
29. Küýzegärleriň, küräniň (küýze, kerpiç bişirilýän peç) piri

– Mirkülal baba;
30. Gepe-söze suwara, dilewar adam¬laryň, şahyrlaryň pi¬ri – Möwlana Jelaleddin Rumy;
31. Jykyryň piri – Nalaç baba; (Jykyr – suwuň derejesinden beýikde ýerleşýän ekin meýdanlaryna suw çykarmak üçin ulanylýan gural);
32. Agajyň we gäminiň, gämiçiligiň piri – Nuh pygamber;
33. Göwreli aýallaryň we halallygyň piri – Paraw bibi;
34. Tamdyryň piri – Pir Pugta ýa-da Pugta baba;
35. Jomartlaryň, sahylygyň piri – Sahy Sagdy Wakgas;
36. Diş agyrynyň piri – Sarsgyn baba – Hoja Abdylla Ensary (Hoja Abdylla baba);
37. Gyrkymyň piri – Sümsük-Sümek baba;
38. Juwazyň piri – Ussa Badýan (Juwaz – künjiden ýag sykmak üçin ulanylýan gural);
39. Ogrularyň, ogurlygyň piri – Şeýtan – Ýelkildik baba;
40. Guýynyň piri – Şyhy Zinde;
41. Ymaratyň (gurluşygyň), milletiň piri – Ybraýym pygamber (Ybraýym Halylulla). Ybraýym Halyl¬ullanyň ymaratyň piri hök¬münde tanalýandygynyň sebäbi ol Mukaddes Käbäni ilkinji guran hasap-lanylýar;
42. Söwdanyň piri – Ymam Agzam;
43. Noýbanyň we mäşiň piri – Ysmaýyl goja;
44. Ýüpek gurçugynyň piri – Eýýup pygamber;
45. Ýaralary gutuldyrmagyň piri – Äraly pir (Keminäniň halypasy);
46. Gamyş kepbäniň, çatmanyň piri – Ýalaňaç baba. Halk döredijiligi we rowaýatlar